TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ MILLI BILIM INSTITUTY

# INFORMATIKA 7

Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VII synplary üçin interaktiw-multimedia elektron gollanmasy

AŞGABAT 2014

# Informasiýanyň görnüşleri

# Informasiýa göterijiler

**INFORMASIÝA** –Daşky dünýäniň obýektleriniň, hadysalarynyň ýagdaýlary we häsiýetleri baradaky maglumatdyr.

**Informasiýany** adamlar, janly tebigatyň obýektleri we tehniki gurluşlar alyş-çalyş edýärler.

Informasiýany alýan obýekt-**kabul ediji,** berýän obýekt bolsa –informasiýa çeşmesidir.

# ADAM INFORMASIÝANY DUÝGY ORGANLARYNYŇ KÖMEGI BILEN KABUL EDÝÄR

## Adamyň informasiýa aň ýetirmäge kömek edýän duýgy organlary:

Görüş



Eşidiş



Tagam biliş



Ys alyş



Duýuş,syzyş



# INFORMASIÝALARYŇ GÖRNÜŞLERI

## 1. Kabul ediliş usuly boýunça:

- wizual (görüş arkaly) kabul edilýän informasiýalar;
- Ses (eşidiş arkaly) kabul edilýän informasiýalar;
- Duýmak,syzmak arkaly kabul edilýän informasiýalar;
- Tagam biliş arkaly kabul edilýän informasiýalar;
- Ys alyş arkaly kabul edilýän informasiýalar.

# 2. Beýan ediliş formasy boýunça:

a) simwol görnüşde beýan edilýän informasiýalar:

- tekst görnüşde beýan edilýän informasiýalar;
- san görnüşde beýan edilýän informasiýalar;
- garyşyk görnüşde beýan edilýän informasiýalar.

b) grafiki görnüşde beýan edilýän informasiýalar:

- surat görnüşde beýan edilýän informasiýalar;
- shema görnüşde beýan edilýän informasiýalar;
- çyzgy görnüşde beýan edilýän informasiýalar;
- fotosuratlar görnüşde beýan edilýän informasiýalar.

# INFORMASIÝANY GÖTERIJILER

Informasiýany özünde saklaýan obýektlere ***informasiýa göterijiler*** diýilýär. *Esasy* we *esasy däl* informasiýa göterijileri tapawutlandyrylýar.

**Esasy informasiýa göterijilere** wagt tarapyndan barlanyp görlen obýektler degişlidirler. Meselem: kagyz (pergamentler), daş (gadymy adamlar daşyň ýüzüne surat çekipdirler, gadymy haýwanlaryň daş ýüzünde galdyran yzlary), DNK molekulasy, metal (metal gaplar).

*Bu informasiýa göterijiler asyrlardan - asyrlara saklanyp galmak bilen, gadymy döwürde adamlaryň nähili ýaşandyklary, siwilizasiýanyň ösüşi baradaky informasiýalary şu günlere ýetirlipdirler.*

**Esasy däl informasiýa göterijilere** informasiýalary toplap, uzak bolmadyk wagt saklaýan obýektler degişlidirler. Meselem, geçen asyryň saz diskleri, magnit toplaýjylary  we diskler.

Adamzat informasiýalary şeýle göterijilerde saklamaga çalyşýar, emma ylmy tehniki-prosesiň ösmegi bilen informasiýalary has kämilleşen göterijilere göçürmek zerurlygy  ýüze çykýar.

# Informasiýalary göterijilere mysallar





















# Informasiýa göterijilere mysallar



USB informasiýa göteriji




Çeýe diskler





Optiki informasiýa göteriji CD-ROM we DVD-RW

# Aşakdaky informasiýalar berlişi boýunça haýsy görnüşe degişli?

| | | |
|---|---|---|
| **a)**<br> | **b)**<br> | **ç)**<br>$4^2 - 3^2 = 7$ |
| **d)**<br>Himiki belgisi.<br><br>$H_2SO_4$<br>Indeksi | **e)**<br>Biz 7-nji synp okuwçylary bilen gezelenje gitdik. Gezelenç örän gyzykly geçdi. | **ä)**<br> |

## Interaktiw-multimedia elektron gollanmany taýýarlanlar:

**Saryýew Döwran**
**Ataýew Kakageldi**
**Garýagdyýew Orazberdi**